# Gizlinlik syýasaty

Oxford University Press ("OUP") siziň şahsy maglumatyňyzy goramaga we dünýädäki maglumat gorag kanunlaryna sarpa goýmaga çynlakaý çemeleşýär. Bu gizlinlik syýasaty biziň şol çemeleşmämizi düşündirýär we siziň OUP websaýtlaryny hem-de önümdir hyzmatlaryny ulanmagyňyzy öz içine alýar.

## Şahsy maglumatyňyzy ulanyş usulymyz

Biz şahsy maglumatlary OUP önümdir hyzmatlaryny ösdürmek we üpjün etmek, websaýtlarymyzyň howpsuz bolmagyny gazanmak hem-de öz biznesimizi ýöretmek üçin ulanýarys. Biz öz ýygnaýan şahsy maglumatymyzyň kategoriýalary, şol şahsy maglumaty işleýşimiziň aýratyn usullary, biziň şeýle etmegimize mümkinçilik berýän ýuridik esaslar we siziň şahsy maglumatyňyzy paýlaşýan hyzmatdaşlarymyzyň görnüşleri barada **şu sahypada** has köp maglumat görkezdik.

Şahsy maglumatyňyzy soraýan käbir ýagdaýlarymyzda, biz siziň haýyşyňyzy ýa-da sargydyňyzy ýerine ýetirmek üçin soraýarys (mes. size sargydyňyzy ibermek üçin salgyňyz gerek). Eger şol şahsy maglumatyňyzy bermeseňiz, biz haýyşyňyzy ýa-da sargydyňyzy işläp bilmeris.

## Razylyk bermek we yzyna almak, hem-de şahsy maglumatyňyzy täzelemek

Şahsy maglumatyňyzy işlemäge razylygyňyz gerek bolanda, biz maglumatyňyzy beren pursadyňyzda bu barada razylygyňyzy soraryrs. Ol razylygy islendik wagt yzyna almaga hukugyňyz bar. Şahsy maglumatyňyzy hem islendik wagt täzeläp bilersiňiz. Olaryň haýsysyny etmek isleseňiz hem, privacy@oup.com salgysyndan bize ýüz tutuň.

Biz siziň şahsy maglumatyňyzy üçünji taraplara satmaýarys.

## Şahsy maglumatyňyzy saklamak

Şahsy maglumatyňyzyň onuň ýygnalýan ýurdunyň, şol sanda Ýewropanyň Ykdysady zolagynyň daşynda saklanylmagy we işlenilmegi mümkin. Ýewropanyň Ykdysady zolagynyň çäginde ýa-da daşynda, başga taraplara maglumat geçirenimizde, şahsy maglumatyňyzy goramak üçin talabalaýyk we ýerlikli gorag serişdeleriniň, şeýle hem, tehniki çäreleriň ýerbe-ýer bolmagyny üpjün edýäris. Munuň üçin, biz Ýewropa Bileleşiginiň komissiýasy tarapyndan ylalaşylan standart şertnama düzgünlerinden peýdalanýarys ýa-da talabalaýyk Privacy Shield sertifikatlandyrmasyny ýa-da üpjün edijilerimiziň girizen hökmany korporatiw kadalaryny ulanýarys ýa-da tutuş dünýäde kanunlar tarapyndan talap edilýän beýleki meňzeş çäreleri amala aşyrýarys. Maglumat gizlinligi baradaky işgärimize privacy@oup.com salgysyna e-poçta iberip sorasaňyz, degişli mehanizmiň bir nusgasyny gözden geçirmek üçin alyp bilersiňiz.

Biz şahsy maglumatyňyzyň ýazgylaryny diňe ony ýygnan maksatlarymyz üçin zerur bolan makul möhletiň dowamynda we ýazgylary saklamak bilen baglanyşykly islendik kanunçylyk ýa-da normatiw borçlary berjaý etmek üçin saklarys. Biz şahsy maglumatyňyzy marketing maksatlary üçin işlemegi duruzmak baradaky haýyşlara sarpa goýýarys. Ol geljekde haýyşyňyza sarpa goýmagymyz üçin, haýyşyňyzyň ýazgysyny kesgitsiz möhletiň dowamynda saklamagy öz içine alýar.

## Kukiler

Biz websaýtlarymyzda kukileri we öz programmalarymyzda hem-de başga programma üpjünçiliklerinde beýleki tehnologiýalary ulanýarys. Bu ýagdaýyň size degişli bolmagynyň mümkindigi baradaky jikme-jikligi görmek üçin, [Kuki syýasatymyza](#) serediň.

## Siziň hukuklaryňyz

Siziň şahsy maglumata girmegi we ony düzetmegi ýa-da pozmagy haýyş etmäge, öz şahsy maglumatyňyzyň işlenilmegini çäklendirmäge we şahsy maglumatyňyzyň işlenilmegine garşy çykmaga hukugyňyz bardyr. Siziň öz şahsy maglumatyňyzyň OUP-yň kanuny bähbitleri esasynda işlenilmegine garşy çykmaga hukugyňyz bardyr. Biziň size gönümel marketing ibermegimize we sizi gönümel marketing üçin profillemegimize garşy çykmaga hukugyňyz bardyr. Şu paragrafda beýan edilýän islendik hukugyňyz bilen baglanyşyklylykda ýa-da şu gizlinlik syýasaty barada islendik soragyňyz üçin, bize privacy@oup.com salgysyna e-poçta ibermek arkaly ýüz tutup bilersiňiz. Öz ýaşaýan, işleýän ýa-da düzgün bozma bolan bolmagy mümkindir öýdýän ýurduňyzdaky maglumat goramak baradaky gözegçilik edarasyna öz şahsy maglumatyňyzyň işlenilmegi barada şikaýat etmäge hukugyňyz bardyr.

## Biziň bilen habarlaşmak

Eger bize öz şahsy maglumatyňyzy beren websaýtyňyzda, önümde, hyzmatda ýa-da formada başgaça görkezilmedik bolsa, onda biziň websaýtlarymyzyň we önümdir hyzmatlarymyzyň maglumat dolandyryjysy Oxford University Press söwda markasy bilen çykyş edýän, Great Clarendon Street, Oxford OX2 6DP, United Kingdom salgysyndaky Oksford uniwersitetiniň kansleri, magistrleri we alymlary bolup durýar. Meselem, şahsy maglumatyňyzy www.oupe.es websaýty arkaly beren bolsaňyz, onda maglumat dolandyryjy Oxford University Press España S.A bolup durýar. Eger maglumat dolandyryjyňyzyň kimdigini bilmeýän bolsaňyz ýa-da şu syýasat barada başga soraglaryňyz bar bolsa, OUP-yň maglumat gizlinligi baradaky işgärine (maglumat goragy baradaky işgär) şol bir salgydan ýa-da privacy@oup.com salgysyna e-poçta ibermek arkaly ýüz tutup bilersiňiz.

## OUP näme maglumat ýygnaýar?

Bizden harytlary we hyzmatlary satyn alanyňyzda, şeýle hem, biz we websaýtlarymyz bilen täsirleşen wagtyňyz, siz barada şahsy maglumaty ýygnaýarys we işleýäris. Ol maglumat şulary öz içine alýar:

- Adyňyz, ulanyjy adyňyz we parolyňyz.
- Ýaşaýan ýa-da biznes salgyňyz, e-poçta salgyňyz we telefon belgiňiz.
- Töleg we eltiş jikme-jikligiňiz, şol sanda faktura we eltiş salgyňyz, şeýle hem, bizden satyn alyş edýän ýeriňiziň kredit karty maglumaty.
- Marketing ileri tutmalaryňyz, şol sanda bize beren islendik razylygyňyz.
- Websaýtlarymyza girmek üçin ulanýan brauzeriňiz ýa-da enjamyňyz bilen baglanyşykly maglumat.
- OUP hyzmatlaryny ulanyşyňyzyň ýazgylary.

## OUP siziň maglumatyňyzy nähili ulanýar?

Maglumatyňyzy şu görnüşlerde ulanýarys:

- Siziň bilen şertnamany ýerine ýetirmek ýa-da şondan öň öz soramagyňyz esasynda ädimler ätmek üçin:
    - Sargytlary ýerine ýetirmek
    - Eger sorasaňyz, maglumat we tehniki goldaw bermek
    - Hyzmatlardaky üýtgetmeler barada size maglumat bilen ýüz tutmak
    - PCI-ylalaşykly töleg hyzmatlary arkaly öz websaýtlarymyzyň üsti bilen berilýän kredit karty maglumatyny işlemek
    - Bäsleşikleri dolandyrmak
    - Iş ornuna ýüz tutmaňyzy gözden geçirmek we işlemek üçin maglumatyňyzy saklamak hem-de seljermek

- OUP tarapyndan talap edilişi ýaly, öz biznesimizi ýöretmek we kanuny bähbitlerimizi yzarlamak üçin, ylaýta-da:
    - Size guramaňyzyň sargyt eden önümlerine ýa-da hyzmatlaryna giriş bermek
    - Önümi ýa-da hyzmaty ulanyşyňyza baglylykda, önümiň ýa-da hyzmatyň içinde size başga material üpjün etmek
    - Marketing ileri tutmalaryňyza we gönümel marketing bilen baglanyşykly kanuna laýyklykda, size OUP önümdir hyzmatlary barada poçta, e-poçta we telefon arkaly habar bermek
    - OUP websaýtlaryny we önümdir hyzmatlaryny ulanyşyňyz esasynda, ünsüňizi çeker öýden başga OUP önümdir hyzmatlarymyz barada ýörite niýetlenen reklamalary bermek
    - Hyzmat derejelerimizi gowulandyrmagymyz we geljekki önümdir hyzmatlary işläp düzmegimiz üçin, şol sanda anketalary ulanmak arkaly OUP önümdir hyzmatlaryny ulanyşyňyzy seljermek
    - OUP-yň websaýtlarynyň we maglumat tehnologiýasy ulgamlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek, şeýle hem, OUP-yň hukuklaryny goramak

- Bize razylyk berýän ýeriňiz:
    - Size OUP önümleri we hyzmatlary barada marketing ibermek üçin, bize razylygyňyz gerek bolsa
    - Kuki syýasatymyzda beýan edilişi ýaly, enjam(lar)yňyzda kukileri ýerleşdirmek we şoňa meňzeş tehnologiýalary ulanmak üçin.

- Kanun tarapyndan talap edilýän maksatlar üçin:
    - OUP-yň tabyn bolup durýan ýuridik borçlaryny berjaý etmek üçin, şahsy maglumatyňyzy paýlaşmak.

## OUP siziň maglumatyňyzy nähili paýlaşar?

Siziň şahsy jikme-jikligiňizi paýlaşýarys

- OUP-yň içinde we ýokarky beýan edilýän işlemekligi amala aşyrmaga gatnaşýan topar kompaniýalary bilen
- Ýokarky maksatlar üçin OUP-yň adyndan maglumatyňyzy işleýän üçünji-tarap hyzmat üpjün edijiler, mes. töleg prosessorlary ýa-da sargyt ýerine ýetiriji nokatlar bilen
- Gatnaşýan bäsleşikleriňiziň şärikdeş guramaçylary hökmünde anyklanylýan üçünji taraplar bilen

- OUP-yň siziň ýa-da guramaňyzyň ýazylan žurnallaryňyzy şolaryň adyndan neşir edýän ylmy jemgyýetleri bilen
- Siziň şolar arkaly OUP hyzmatlaryna girişiňiz bar bolan guramalar bilen.

Biz şu ýagdaýlarda hem şahsy maglumatyňyzy paýlaşarys:

- Biz OUP-yň, işgärlerimiziň, täjirçilik hyzmatdaşlarymyzyň ýa-da müşderilerimiziň hukuklaryny, emlägini ýa-da howpsuzlygyny goramak üçin zerur diýip hasaplasak. Ol galplyk goragyny üpjün etmek we kredit töwekgelçiligini azaltmak maksatlary bilen maglumat paýlaşmagy öz içine alýar.
- Eger kanun tarapyndan talap edilýän bolsa, döwlet edaralary we/ýa-da hukuk goraýjy işgärler bilen.